# Gurbanlyk güni

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gurbanlyk güni GURBANLYK GÜNI

Ýetip geldi gurbanlyk,
Hiññildik gurup aldyk.

Hiññildikde uçduk biz,
Eýläk-beýläk geçdik biz.

Bir elimiz bulaýlap,
Gülüşýäs hahahaýlap…

Sesi gelýär adamlaň:
«A-how, indi bat almaň!

Bolýar şol uçanyňyz,
Biliň indi çeniňiz.

Batly-batly uçsaňyz,
Biz nädeli gaçsaňyz?!»

Dogrudanam, birhili,
Jümşüldeşdirip ini,

Ýüregmiz endireýär,
Aýagmyz sandyraýar.

Şatlanamzok, gülemzok,
Bady saklap bilemzok.

Badymyz köşeşenok,
Ýüregmiz düşüşenok.

Hiññildigiň bagyndan,
Güýjümiziň baryndan

Bek ýapyşyp öňküden

Durus biz – eñki giden!

Muny duýarlar öýdüp,
«Gorkak» diýerler öýdüp,

Ýene batlanan bolýas,
Gülüp, şatlanan bolýas.

Sesi gelýär adamlañ:
«A-how, indi bat almañ.

Besdir indi uçanyñyz,
Biliñ indi çeniñiz…»

Wah, bilýäs-le çenimiz, –
Gurap gitdi elimiz

Düşjek däl diýip münemzok,
Bady saklap bilemzok!

«Saklañ!» diýip, gygyrsak,
Diýmezlermi: «Ýelgursak!»

Ýogsa, näler düşjek-le!
Eý, gezegne uçjaklar,

Sizem ony añañzok,
Tutubam saklaýañzok!..

Ýüregmiz endireýär,
Aýagmyz sandyraýar.

Badymyz köşeşenok,
Ýüregmiz düşüşenok.

Hiññildigiñ bagyndan,
Güýjümiziñ baryndan,

Bek ýapyşyp öñküden
Durus biz – eñki giden!

Muny duýarlar öýdüp,
«Gorkak» diýerler öýdüp,

Ýene batlanan bolýas,
Gülüp, şatlanan bolýas.

Sesi gelýär adamlañ:
«A-how, indi bat almañ!

Besdir indi uçanyñyz,
Biliñ ahyr çeniñiz…»

Kasym NURBADOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1987. Çagalar edebiýaty